*6-njy tema*: **Türkmen Türkçesinde bağlaçlar** (Türkmen dilinde baglaýyjy kömekçiler)

**Dersiň maksady:**

- ✓ talyplara türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik gurluş aýratynlyklaryny öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen diliniň sözlük hazynasyny we semantik aýratynlyklary öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen dilinde dürli temelar boýunça öz pikirlerini yzygiderli, logiki taýdan dogry beýan etmekligi öwretmek,
- ✓ talyplara türkmen diliniň dürs ýazuw düzgünlerini öwretmek;
- ✓ olara orfografik taýdan ýalňyşsyz beýan etmegiň tärlerini öwretmek;
- ✓ talyplaryň türkmen dilinde sözleýiş medeniýetini we ýazuw endiklerini hem-de başarnyklaryny ösdürmek;
- ✓ dersde türkmen dilini we edebiýatyny oňat öwretmek üçin talyplaryň özara işjeňligini ýola goýmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýat sapaklarynda tehniki serişdelerden peýdalanmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýaty dersleriniň üsti bilen talyplarda watansöýüjiligi, zähmetsöýerligi, agzybirligi, ahlaklylygy, ynsaplylygy, türkmen milli we dünýä gymmatlyklaryna buýsanç, gözellige söýgi duýgularyny terbiýelemek.

**Dersiň wezipeleri**:

- talyplaryň türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik başarnyklaryny ösdürmek;
- talyplaryň sözleýiş dilini kämilleşdirmek;
- talyplaryň ýazuw we hatdatlyk endiklerini ösdürmek,
- talyplaryň sözlük üstünde özbaşdak işlerini kämilleşdirmek
- talyplaryň okama we düşünme ukyplaryny ösdürmek;
- talyplaryň gürrüň berme we ýazyp beýanetme endiklerini kämilleşdirmek;
- söz öwrenme endiklerini artdyrmak;
- terjime etme ukyplaryny ösdürmek…

**Dersiň görnüşi**:

- ➢ dilden düşündirme;
- ➢ ýazuwdan beýanetme;
- ➢ sorag-jogap arkaly berkitme;
- ➢ shemaly we tablisaly düşündirme;
- ➢ tehniki serişdeler arkaly düşündirme;
- ➢ ýumşuň kömegi bilen geçileni gaýtalama…
- ➢ öý işi tabşyrma…

**Dersiň ýörelgeleri**:

- türkmen filologiýasy baradaky bilimiň mazmuny bilen onuň beýan edilişiniň bitewiligini gazanmak,
- türkmen diliniň beýleki dersler we durmuş bilen baglanyşygyny üpjün etmek;

- edeplilik, dogry sözlülik, ynsanperwerlik, yzygiderlilik, sylag-hormat we ýaş aýratynlyklara dogry gelmek.
- ders we durmuş, teoriýa we praktika gatnaşygy esasynda olaryň özara baglanyşygyny üpjün etmek…

**Dersiň usullary:**

- talyplaryň özbaşdak işleri we ýumuşlary barlag etmek;
- **ACTIV Studio** we **Power Point** maksatnamalaryndan peýdalanmak,
- türkmen filologiýasy boýunça öwredilýän temanyň prezentasiýasyny geçirmek,
- diliň grammatik kategoriýalary bilen baglanyşykly kynçylyklarda **„akylly sagady”, “akylly kompasy” “akylly şejeräni“** kömege çagyrmak,
- talyplaryň arasynda özara pikirlenme minutlaryny geçirmek;
- talyplaryň logiki yzygiderliligine, subut edijiligine ünsi güýçlendirmek;
- Dersde düşnükliligi we aýdyňlygy üpjün etmek...

**Dersiň görkezme esbaplary:**

- okuw kitaplary,
- gepleşik gollanmalary,
- ýazdyrylan ylmy çeşmeler,
- usuly gollanmalar,
- ses ýazgylary,
- degişli suratlar,
- tablisalar, çyzgylar,
- sözlükler,
- metbugat maglumatlary.

## ❖ **Sada we goşma baglaýjy kömekçiler**:

Bir sözden bolan baglaýjy kömekçilere sada baglaýjy kömekçiler diýilýär. Birden artyk sözüň birikmeginde sözleri ýa sözlemleri baglanyşdyryp gelmegi goşma baglaýjylar arkaly amala aşyrylýar.

Meselem: **ýöne welin, we, hem-de, şeýle hem, emma weli.**

Baglaýjy kömekçiler arkaly baglanyşýan sözler sözlemde deňhukukly bolsalar-da, sözlemler beýle däldir. Baglaýjy kömekçileriň baglanyşdyrýan sözlemleriniň birnäçesi deňhukukly ýönekeý sözlem bolsa, olaryň käbiri haýsydyr bir tarapdan biri beýlekisini aýyklap gelýärler. Şu aýratynlygy boýunça baglaýjy kömekçileri iki topara bölmek mümkin:

- ❖ **1.Düzmeli baglaýjylar.**
- ❖ **2.Eýerjeňli baglaýjylar**

Biri ikinjisine garaşly bolmadyk sözleri we sözlemleri baglanyşdyrmaga hyzmat edýän kömekçilere düzmeli baglaýjylar diýilýär. Düzmeli baglaýjylar, esasan, iki sany deň hukukly, biri beýlekisini aýyklamaýan ýönekeý sözlemleriň arasynda gelýärler.

Olary baglanyşdyrýan sözlemleriniň aňladýan manysyna görä şeýle toparlara bölüp bolar:

**a. Wagt taýyndan gezekleşmegi görkezýänler:**

- **kä,**
- **käte,**
- **bir görseň,**
- **bir seretseň,**

Bir sözleri baglaýjy kömekçi bolup gelýärler we wagt taýdan gezekleşmegi aňladýarlar.

**b. Garşylygy görkezýänler**:

- **emma,**
- **ýöne,**
- **welin,**
- **ýogsa,**
- **ýogsam**
- **bolmasa,**
- **bolsa,**
- **gaýtam,**
- **weli**

baglaýjylarynyň baglanyşdyrýan sözlemleriniň aňladýan düşünjeleri garşylykly bolýar.

***Synag birnäçe sapar gaýtalandy, emma peýda bermedi.***

**ç. Ikuçlulyk görkezýänler**:

- **ýa,**
- **ýa-da,**
- **ha,**
- **hala.**

Bular öz baglanyşdyrýan bölekleriniň haýsy-da bolsa geriniň bolmalydygyny aňladýarlar.

**d. Ugurdaşlyk görkezýän düzmeli baglaýjylar**:

- **we,**
- **-da/-de,**
- **hem.**

Hem sözi goşulma şekilinde gelende-de ulanylýar (-em görnüşinde). We baglaýjysynyň **u** görnüşi hem baglaýjy hyzmatynda nusgawy edebiýatyň dilinde hem häzirki gepleşik dilinde ulanylýar.

*Ölenden soň şah-u geda bary bir,*
*Aşret dilän ogul-gyz-u-zen üçin.*

**Ýokluk aňladýanlar:**

- **ne,**
- **ne-de.**

*Ne gyş, güýzi bilýär ol, Ne gündizi bilýär ol.*

## ❖ Eýerjeňli baglaýjylar

Biri beýlekisini haýsy-da bolsa bir tarapdan aýyklaýan deň hukukly sözlemleri baglanyşdyrýar. Many taýdan birnäçe toparlara bölünýär:

**1.Şertli sebäp görkezýänler**:

- **sebäbi,**
- **çünki,**
- **bardy-geldi,**
- **onda.**

**2.Anyklamagy aňladýanlar:**

- **ýagny,**
- **diýip,**
- **diýen.**

**3.Güýçlendirmegi aňladýanlar**:

- **hatda,**
- **diňe**

**Gönükme**:

***Baglaýjylaryň görnüşini, manysyny we gurluşyny derňemeli.***

Häzir Baýramyň ýüzi bir gyzardy, bir agardy. Hem zyýarat, hem tüjarat. Bazaryň nyrhy kä göterilýärdi, käte aşaklaýardy. Eger-de şu alma terligine dursa, seniň doganyň keýpi kökdür. Bardy-geldi hilesini tapyp geçäýseň, ondan aňyrda üç ýüz altmyş kenizi bardyr.

Adamlar gün ýaşar wagty dagadylar çünki barha güýçlenýän ýel olary howsala salypdy. Eger ol halka hyýanat etse, onda ol günäsi üçin sürgün ediler. Haçan islese, gözüne ýaş getirip bilýärdi.